# Iman ogrusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iman ogrusy IMAN OGRUSY



Resuldan nesihat bu hadys syry,
Adam ogly sydka iman eýleýip.
Musulman üç ýolda bolmasyn egri,
Diýip ymmatyna gör ne söýleýip.
Täjir kärin söýüp ömüre baş etseň,
Rysk malyňny halal bilip ýöretseň,
Tereziň içinde agramlyk satsaň,
Dowzah ataşyna çekilip neýleýip.

Myhman bilinip bir ojaga barlanda,
Ojak hakyn içgin daşgyn görlende,
Edep haýa bilen göz söz berlende,
Göz ogrusy bolmazlygy syrlaýyp.

Ýene bir ogurlyk namaz içinde,
Rukugda, sujutda kelam açanda,
Hars edip okamak haramdyr munda,
Namazyň ogrusy bolunyp harlaýyp.

Halmyrat imana kast etseň biliner,
Sorag meýdanynda bu teniň tiliner,
Halyňa haýyp eýle, ol güni geliner,
Söýgüli pygamber takyk söýleýip.

07.04.2023 ý.

Halmyrat ORAZOW. Goşgular